# „Gökdepe söweşiniñ 133-nji ýyldönümi“

**Türkmeniñ watan gahrymanlaryny alkyş bilen ýatlaýarys. Olar özleriniñ şirin janlaryny ata-babalarynyñ iñ mukaddes mirasy bolan Ata Watanlaryny, Ene Topraklaryny hem Milli buýsançlaryny keseki basybalyjylardan goramak ugrunda berdiler.**

**Biz bu gün, ýowuz duşmanyñ öñünde döşlerini watana galkan eden gahryman ýigitlerimiziñ hem-de olar bilen egin-egine berip ata çykan gahryman gelin-gyzlarymyzyñ beýik ruhlarynyñ öñünde alkyş bilen baş egýäris!**

**Biz bu gün, ilini birleşdirip duşman öñünde bir ýumruga öwrüp bilen, Nurberdihan we egindeşleriniñ hem-de akylly-paýhasly ýaşulylaryñ beýik ruhlaryna alkyş aýdýarys!**

## Ŷatan ýerleri ýagty bolsun!

# „Gahryman“

***Taryh boýy, Hywadan Mara, Marydan Ahala, Ahaldan Türkmensähra çenli, watan hem il-günini goramak üçin söweşen gahrymanlarymyza:***

**Kesekiñ ýurdunda gözüñ bolmady,**
**Sen hiç-haçan degmedige degmediñ.**
**Ŷurduña göz diken duşmana welin,**
**Sen hiç-haçan, asla boýun egmediñ.**

**Ŷurduña milt eden, meşhur Kureşy,**
**Jezasyny berip, dyza çökerdiñ,**
**Dünýä haýbat atan, ol Iskenderi,**
**Topragyña salman, kowup çykardyñ.**

**Çengizhan öñünde, merdana durduñ,**
**Zarbalar ajysyn datmaly boldy.**
**Ŷurduñ köpüsini özüñe goýup,**
**Horasana ötüp gitmeli boldy.**

**Abbas, Nedir, Nasereddin şalar dek,**
**Dönükler öñünde aýak diredíñ.**
**Olar seniñ topragyña göz dikdi,**
**Sen bolsa öz watanyñy goradyñ.**

**Pýotr bir ýaly ýowuz öñünde**
**il-gün üçin, aýamadyñ janyñy.**
**Watan atly mukaddes topraklara,**
**Gerek bolsa, gaýgýrmadýñ ganyñy.**

**Söweşde ýeñmek bar, ýeñilmek-de bar.**
**Hazan urup dökülse-de ýapragyñ,**
**Bahar geldi, ýene çynarlar galdy.**
**Watan boldy, señ suwaran topragyñ.**

**Dañatar- Ŷanwar 2014**